# Törebeg hanym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Törebeg hanym

TÖREBEG HANYM

Kepderiler dolup mawy asmana,
Aşygyñ nalasyn saldy-da gitdi.
Meñzäp mazar üstündäki dessana,
Misli zyýarata geldi-de gitdi.

Uçdy, gök gümmeziñ özgerdi keşbi,
Şuglasy burulyp gapdala düşdi,
Göwnüñe bolmasa bir ajap yşky,
Ajal gujagyna saldy-da gitdi.

Dünýäni daraldyp goýupdyr pelek,
"Aşyklañ biz ýaly bolmagy gerek!"
Köşkden özün ýere goýberdi melek,
Yşkynyñ oduna ýandy-da gitdi.

Bu ýerde kepderler ketek yzlamaz,
Çyn aşyklar ömür ýalan sözlemez,
Bu günki gözeller köşki gözlemez,
Ýaryñ didaryna gandy-da gitdi.

Genjemurat ÝESEMURATOW,
gazak şahyry.

Terjime eden: Ahmet MÄMMEDOW.

Goşgular